Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň
2024-nji ýylyň 11-nji aprelinde çykaran 107-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleriň möçberi we olary almagyň tertibini tassyklamak hakynda»**

2011-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 17-nji maddasynyň birinji böleginiň 9-njy bendine we 26-njy maddasynyň ýedinji bölegine laýyklykda, **buýurýaryn:**

1. Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleriň möçberi we olary almagyň tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň orunbasary B.Miminow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

*Ylalaşyldy:*
*Türkmenistanyň*
*Maliýe we ykdysadyýet ministri* *S.Joraýew*
*«11» aprel 2024 ý.*

Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň
2024-nji ýylyň 11-nji aprelinde
çykaran 107-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

# Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleriň möçberi we olary almagyň tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleriň möçberi we olary almagyň tertibi (mundan beýläk – Tertip) Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 17-nji maddasynyň birinji böleginiň 9-njy bendine we 26-njy maddasynyň ýedinji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de fiziki we ýuridik şahslardan (mundan beýläk – tokaý gaznasyndan peýdalanyjylar) tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleriň möçberini we olary almagyň tertibini kesgitleýär.

2. Şu Tertibiň maksatlary üçin ulanylýan esasy düşünjeler Türkmenistanyň Tokaý kodeksine laýyklykda kesgitlenýär.

3. Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 46-njy maddasynda göz öňünde tutulanlardan başga halatlarda tokaý gaznasyndan peýdalanmak töleglidir.

4. Döwlet tokaý hojalyk kärhanalary, tokaý hojalyk işlerini amala aşyrýan beýleki döwlet kärhanalary, edaralary we guramalary, şeýle hem aýratyn goralýan tebigy ýerleriň işi bilen baglanyşykly maksatlar üçin döwlet tebigy goraghanalary, milli tebigy seýilgähler, ýuridik şahsyň hukuk derejesi bolan beýleki aýratyn goralýan tebigy ýerleriň eýeleri öz çäginde tokaý gaznasyna eýeçilik etmegi we peýdalanmagy mugt amala aşyrýarlar.

5. Şu Tertibiň kadalarynyň tokaý eýeleri we tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

## II bap. Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleriň möçberini hasaplamak

6. Tokaý gaznasyndan peýdalanylýan tokaý baýlyklarynyň möçberi aşakdaky ölçeg birliklerine laýyklykda kesgitlenilýär:

1) esasy däl görnüşdäki tokaýdan peýdalanylanda:

a) ot ýatyrmak – gektarda;

b) mal bakmak – ownuk we iri şahly mallar boýunça gektarda;

ç) balary maşgalalaryny we balary gapyrjaklaryny ýerleşdirmek - balary maşgalalarynyň öýleriniň san hasabynda;

d) mellek, bakjaçylyk we beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek – gektarda;

e) dermanlyk ösümliklerini we tehniki çig maly, ýabany ösýän miweleri, hozlary, kömelekleri, iýmişleri we beýleki tokaý baýlyklaryny taýýarlamak-ýygnamak – kilogramda;

2) tokaý gaznasynyň meýdanlaryndan awçylyk hojalygynyň hajatlary üçin peýdalanmak - gektarda;

3) tokaý gaznasynyň meýdanlaryndan okuw-tejribe we ylmy-barlag maksatlary bilen peýdalanmak – gün hasabynda;

4) tokaý gaznasynyň meýdanlaryny medeni aň-bilim, terbiýeçilik, syýahatçylyk, sagaldyş, rekreasion we sport maksatlarynda peýdalanmak - gün hasabynda;

5) tokaýy çapmak we agaç taýýarlamak - kub metrde ($m^3$).

7. Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleriň möçberi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi (mundan beýläk - Ygtyýarlandyrylan edara) tarapyndan tassyklanylýar.

8. Tokaýdan peýdalanmagyň belli bir görnüşleri amala aşyrylanda tokaý baýlyklaryny we tokaý gaznasynyň meýdanlaryny peýdalanmagyň aýratynlyklary Ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan kesgitlenilýär.

9. Tokaý gaznasynyň ýer bölekleri peýdalanmak üçin berlende tölegleriň möçberi ýer böleginiň ýerleşýän ýerine, topragyň meslik ýagdaýyna we suw bilen üpjünçiligine laýyklykda, her çäk bölünişigi boýunça üýtgäp biler.

## III bap. Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleri almagyň we artyk tölenen möçberini yzyna gaýtarmagyň tertibi

10. Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleri almak şu Tertibiň altynjy böleginiň:

a) 1-nji we 2-nji bentleri boýunça - Tokaý gaznasynyň meýdanlarynda tokaýdan gysga we uzak möhletli peýdalanmagyň şertnamasy boýunça;

b) 3-nji we 4-nji bentleri boýunça - Tokaý gaznasynyň eýesi tarapyndan berilýän töleg haty boýunça;

ç) 5-nji bendi boýunça - Tokaý gaznasynyň eýesi tarapyndan berilýän agaç çapmak petegi (orderi) boýunça amala aşyrylýar.

Gelip gowuşýan serişdeler tokaý gaznasynyň eýesiniň hasaplaşyk hasabyna geçirilýär.

11. Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleri geçirmek şu görnüşlerde amala aşyrylyp bilner:

1) Türkmenistanyň karz edaralarynyň üsti bilen, Tokaý gaznasynyň eýesiniň hasaplaşyk hasabyna nagt we nagt däl görnüşde geçirmek arkaly;

2) Tokaý gaznasynyň eýesinde ýerleşdirilýän elektron gözegçilik - kassa enjamlarynyň ulanylmagy bilen, nagt görnüşinde tölemek arkaly;

3) fiziki şahslaryň bank kartlarynyň üsti bilen.

12. Geçirilen töleg bellenilen tertipde tassyklanylan tölegleriň möçberinden köp tölenilen ýagdaýynda tölegiň köp tölenilen möçberi yzyna gaýtarylmaga degişlidir.

13. Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin köp tölenilen tölegiň yzyna gaýtarylmagy babatda arza Tokaý gaznasynyň eýesine berilýär.

14. Arzada şu aşakdaky maglumatlar görkezilmelidir:

1) fiziki şahs üçin:

a) familiýasy, ady, atasynyň ady;

b) ýaşaýan ýeri;

ç) pasport maglumatlary;

d) bank kartynyň maglumatlary;

e) döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakynda resminamanyň belgisi we senesi (hususy telekeçi hökmünde bellige alnan fiziki şahslar üçin);

2) ýuridik şahs üçin:

a) doly ady;

b) döwlet tarapyndan bellige alnan belgisi we senesi;

ç) guramaçylyk-hukuk görnüşi;

d) hukuk salgysy (ýerleşýän ýeri);

e) bank hasabynyň maglumatlary.

15. Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin köp tölenilen tölegiň yzyna gaýtarylmagy babatda arzanyň ýanyna köp tölenilen tölegiň geçirilendigini tassyklaýan resminamanyň nusgasy goşulmalydyr.

16. Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin köp tölenilen tölegi yzyna gaýtarmak barada arza tokaý gaznasyndan peýdalanyjynyň mirasdüşeri (hukuk oruntutary) tarapyndan berlen halatynda, arzanyň ýanyna oňa degişli hukugyň geçendigini tassyklaýan mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama hem goşulmalydyr. Arzanyň ýanyna mirasa bolan hukuk hakynda şahadatnama goşulmadyk halatynda, arza seredilmeýär we 5 (bäş) iş gününiň dowamynda yzyna gaýtarylyp berilýär.

17. Tokaý gaznasynyň eýesi tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin köp tölenilen tölegiň yzyna gaýtarylmagy barada arzany we degişli resminamalary kabul eden gününden 10 (on) iş gününiň dowamynda artyk tölenen pul serişdelerini yzyna gaýtarmalydyr.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

18. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilişine Ygtyýarlandyrylan edara gözegçilik edýär.

19. Şu Tertipde bellenen kadalarynyň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

20. Şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2024-nji ýylyň 8-nji awgustynda 1820 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.